# Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyñ!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyñ! GUTLY BOLSUN WATAN, BITARAPLYGYÑ!

Nesipli gün gülüp alnyňdan çykan,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!
Dünýäniň ünsüni özüne çeken,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!

Gülletdiň, özgerdip şäher-kendiňi,
Tutup atalaryň sargyt-pendini,
Gutlag aýtmak hemmeleriň endigi,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!

Ykballara asal bolup gatylan,
Arzuwy sen asylzada atalaň,
Eginlerňe zerden lybas atylan,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!

Ýeňişli ýollara rowan eýlediň,
Eşretli günleri dowam eýlediň,
Arş deňinden dünýä nazar aýladyň,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!

Barlyklara aýlap türkmen adyny,
Kalba ýazýaň durmuş hakykatyny,
Alypsyň özüňe bedew badyny,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!

Kämile ýetensiň ýigrim dört ýaşda,
Başyň howalanýar Asmanda, Arşda,
Arkadag Howandar bolup dur başda,
Gutly bolsun Watan, Bitaraplygyň!